# Äri öýkelek bir zenanyñ dilinden

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Äri öýkelek bir zenanyñ dilinden

ÄRI ÖÝKELEK BIR ZENANYŇ DILINDEN / degişme

Gitmez daglaryň – dumany,
Sözümden gözlediň many.
Eden wadalaryň hany?
Bize daş degdi, daş degdi.

Gel-de, bärik öýkelek ýar,
Ýoluňda gözüm intizar.
Berýärinmi saňa azar?
Ýaryň baş egdi, baş egdi!

Müň at dakyp bişen aşa,
Kä sebäp bolýaň gözýaşa.
Ýaşyň ýetipdir kyrk bäşe,
Bize daş degdi, daş degdi.

Bir elimde iňňe, oýmak,
Ýalan sözdür ýardan doýmak.
Gel bolaly süýtdür gaýmak,
Ýaňaga ýaş degdi, ýaş degdi.

Çaýyň gyzyňa demledip,
Otyrsyň içiň hümledip.
Göwnüň-ä tapyp bilmedik,
Ýaryň baş egdi, baş egdi!

▶ PURSATLAR

Ten degip tene
Çyrmaşylan pursatlar.

Ýaryljak-ýaryljak
Boldy gursaklar.

Guçup inçe bilden,
Sorup tiliňden
Ysgadym, doýmadym,
Tirip gülüňden.

Kükredi maýsaly meýdanyň ysy,
Galdy alkymyňda hünjiniň yzy.
Tümlügi böwüsdi ak mämeleriň,
Sanap nätjek,
Eýsem, ýok nämeleriň?!

Daň atdy, horazlar owaz eýledi,
Ýatyrmady uzak gije jemalyň.
Indi ukla sonam, menem uklaýyn,
Üstümize örtüp säher şemalyn.

▶ AÝRALYK GOŞGUSY

Bagymyzda soldy gyzyl gülümiz,
Säher bilen ýas baglady ilimiz.
Göwsüň ýere berip, bagryň paralap,
Gardaş, bu gün aglamaly günümiz.

Owalbaşda halallygy öwreden
Kakaň gitdi, syndy beýik döwletiň,
Ýer bagyrtlap, gara ýeri köwlediň,
Gardaş, bu gün aglamaly günümiz.

Beýik dagyň onki süňňi bozuldy,
Gaýalaryň kemerleri çözüldi.
Jülgeleriň damarlary üzüldi,
Gardaş, bu gün aglamaly günümiz.

Köpeler daşyňda gözün alartjak,
Doganlaryň iki sözün alartjak
Çöpdüýbüler hemle atyp gabarjak,

Gardaş, bu gün aglamaly günümiz.

Gara ýer deňlikdir garyp, şahyňa,
Daglar dözebilmez çeken ahyňa.
Kakaň keşbi hemra bolsun ruhuňa,
Gardaş, bu gün aglamaly günümiz.

Könekesir, 7.04.1992.

▶ «KIME SENIŇ ADYŇ GEREK…»

Kime seniň adyň gerek,
Kime halta zadyň gerek.
Kimselerne agyň gerek,
Kime entän çagyň gerek.
Ilden hantama däl çörek,
Ilden aýry dälke ýürek
Dileýän bar öte ölmüň,
Eleýän bar ýeke ömrüň…

▶ AK ÝÜZLI MARALYM SEN

Gül goýnuň sapaly ýar,
Sözleriň şypaly ýar.
Görme sen jepany ýar,
Ak ýüzli maralym sen.

Aýdan, Günden nurana,
Sözlän sözüň dürdäne.
Ot saldyň şirin jana,
Ak ýüzli maralym sen.

Ömür goşup ömrüme,
Bezeg berýäň döwrüme.
Menden ýüzüň öwürme,
Ak ýüzli maralym sen.

Ýar, goýnuňda goşa nar,
Ne ajaýyp goşa mar.
Waspyn etsin goşa tar,

Ak ýüzli maralym sen.

Goşgular